# Şetdaly

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 23 января, 2025
Şetdaly ŞETDALY

Girdim bagyñ çetinden, iýmişlerne garadym,
Ýumruk ýaly sallanýan, gyzgylt ýañak aradym…
Çekdi meni özüne, gödekleç men daradym:
Ýapyşamda şahadan, urdy biri ýüzüme…
Sansyz ýumruk gezelip, göründi meñ gözüme.

Çala kaklyşan çagy dodagyma derisi,
Ýaryldy-da, pürküldi bütin barja şiresi.
Şänik degip topugma, tagma galdy ýarasy,
Keýtikledim-de bökdüm: topuldym men agaja,
Paýrap indi depämden, ýüzläp ýumruklar şonça.

Heder etmän, ýaýdanman, ýapyşdym men dessine,
Bir küdesin üýşürdim çäkmenimiñ üstüne.
Näm bolsa, goý, şol bolsun □ saldym azyñ astyna,
Lap etmesem, ellisin lak-luk atdym ajymdan,
Näm bolanyn bilmedim, burgy tutdy içimden…

Ah, goý, aşa salsa-da salsyn meni şetdaly,
Burgy däl, goý, alsa-da, alsyn meni şetdaly!

1949.

Berdi KERBABAÝEW. Goşgular